# Oda ýansyn ger köňül ol ýüze maýyl bolmasa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Oda ýansyn ger köňül ol ýüze maýyl bolmasa…



Oda ýansyn ger köňül ol ýüze maýyl bolmasa,
Kim gurysyn gol hem ol kadga hemaýyl bolmasa,
Özüni taryp edip, husn içre zybalanmasyn,
Kimde ýarym husny dek şekli-şemaýyl bolmasa.

Hesretinde arzy-halym söýlegeý erdim tamam,
Ger rakyplar sap çekip, garşymda maýyl bolmasa.

Dergahyňdan kowma kim gul men, dogaçy bir geda,
Haýry bolmaz bir dogaçy, kaýda saýyl bolmasa.

Gaýyby, diwanalykdan ýetmediň maksada hiç,
Akyl ilinden pent eşidip, imdi aýyl bolmasa. Goşgular